# Dört soragda Los-Anželes ýangynlarynyñ añyrsyndaky Santana ýelleri

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 21 января, 2025
Dört soragda Los-Anželes ýangynlarynyñ añyrsyndaky Santana ýelleri DÖRT SORAGDA LOS-ANŽELES ÝANGYNLARYNYÑ AÑYRSYNDAKY SANTANA ÝELLERI



*Ýangyny söndürmek üçin tagalla barsynyñ edilýändigine garamazdan, gurban bolanlaryñ sany artýar.*
*7-nji ýanwarda başlan Palisades ýangyny Los-Anželesiñ günbataryndaky jaýlary küle öwrüp taşlady (Ringo Chiu/Reuters)*
ABŞ-nyñ Kaliforniýa ştatyndaky Los-Anželes şäherini birujundan ýakyp-ýandyryp barýan tokaý ýangynlaryny söndürmek üçin alnyp barylýan gyzgalañly işler dowam edýär.
Bäş aýry ýerde bolan ýangynda aradan çykanlaryñ sany düýn

agşam (9-njy ýanwarda) 10-a ýetdi. Azyndan 180 müñ ýaşaýjy başga ýere göçürilen bolsa, 10 müñe golaý binanyñ küle öwrülebdigi habar berilýär.
Sişenbe güni dörän iñ uly iki Palisades we Eaton ýangynlary 13 müñ 750 gektardan gowrak meýdany ýok edip, Los-Anželesiñ taryhyndaky iñ weýrançylykly ýangynlar hökmünde hasaba alyndy.
«CBS»-iñ habar bermegine görä, Palisades ýangyny zordan 6% öçürilen bolsa, Eaton ýangyny boýunça hiç hili netije gazanylanok.
Iñ uly ýangynlaryñ nähili emele gelýändigininiñ sebäpleri öwrenilip ýörkä, hünärmenler Santana ýel akymlarynyñ ýangyny hasam tutaşdyrandygyny aýdýar.

## 1). Santana ýelleri nähili emele gelýär?

Köplenç güýz aýlaryndan ýanwara çenli bolýan Santana ýel akymlary daglardan Günorta Kaliforniýanyñ kenarlaryna tarap gury we güýçli ýagdaýda öwüsýär.
ABŞ-nyñ Geologiýa barlaglary institutyndan ýangyn ekologisti Jon Kileý Newada, Ýuta, Kaliforniýa we beýleki ştatlaryñ käbir ýerlerine ýaýran Uly Deltada ýokary atmosfera basyşy, kenarýaka ýerlerde bolsa pes basyş bolanda şeýle ýelleriñ emele gelýändigi aýdylýar. Howa akymlary ýokary basyşdan pes basyşa tarap hereket edýär we basyş tapawudy bilen birlikde ýelleriñ gazaby-da artýar.
Kaliforniýa uniwersitetiniñ Los-Anželes kampusyndaky Tebigaty goraýyş institutynyñ direktory Aleks Hall Uly deltadaky çöl şertlerinde emele gelýändigi üçin Santana ýelleriniñ öte gurak bolýandygyny aýdýar. Ýene şol sebäpler biken ýeller sowuk başlanda-da dag gerişlerinden aşak inende dykylýandygy üçin köplenç gyzýar. Hall bu ýagdaýyñ welosiped tekerlerine ýel berende gyzyşy bilen bir sebäpden gelip çykýandygyny aýdýar.
Kileý «Conversation» gazetine ýazan makalasynda kanonlaryñam ýelleri ugrukdyrýandygyny aýdyp, şeýle diýýär:
«Öñler Altadena diýen ýerde ýaşaýardym. Santana ýelleri öwsende bolýan ýerimizde hiç hiç ygşyldy ýokka, birnäçe blokdan añyrda ýeliñ epeý güýçli öwüsýän günleri bolýardy. Bu

güýçli we gurak ýeller sagatda 40-60 km tizlik bilen hereket edýän bolsa, häzir sagatda 130 kilometre ýetýändigi aýdylýar.

## 2). Nämüçin bu gezek güýçli ýangynlar döredi?

Los-Anželesde sişenbe gününden bäri dowam edýän ýangynlaryň şeýle derejä çykmagynda Santana ýelleriniň ýany bilen ygalyň pesligi we gurap samana öwrülen ösümlik gatlagy-da aýgytlaýjy rol oýnaýar.
Kileý adatça Günorta Kaliforniýadaky ýagyşlaryň ösümlikleriň nemli bolup ýanman galmagyny üpjün edýändigini aýdýar. Emma sebitiň bu ýyl gurakçylygy başdan geçirmegi, güýçli ýelleriň ösümlikleri aňsatlyk bilen ýangyna düýrläp alyp, ýangynyň gazabyny artdyrmagyna getirýär.
Ekologiýaçy şeýle ýagdaýlarda ýaşaýjylary göçirmegiňem juda kynlaşýandygyny aýdýar.
Şeýle-de, «Washington Post» gazetiniň habar bermegine görä, 2023-nji ýylyň güýzi bilen 2024-nji ýylyň ýaz aýlarynyň arasyndaky aşa güýçli ýagyşlar ösümlik gatlagynyň galňamagyna sebäp bolup, ýangynlary ýangyç bilen üpjün etdi.

## 3). Klimat üýtgeşmesi Santana ýellerine nähili täsirini ýetirýär?

Hünärmenler howanyň aşa gyzmagynyň has uly ýangynlara şert döredýändigini aýdýar. Klimat krizisiniň täsiri bilen Kaliforniýa has az ýagyş ýagmagy-da ýelleriň beter gurak bolmagyna getirýär we şertleri tokaý ýangynlaryna hasam amaty ýagdaýa öwürýär.
Emma Hall çölüň okeandan has köp gyzmagy ýagdaýynda ikisunuň arasyndaky basyş tapawudynyň azaljagyny aýdýar. Şeýle ýagdaýda Santana ýelleriniň gazabynyň gowşamagyna garaşylýar.
Hall «Bu ýelleri howa basyşynyň tapawudy herekete geçirýär» diýýär. Şol sebäpden klimat krizisiniň bu ýelleriň üstündäki täsiri baradaky pikirleriň heniz başynyň birigendigini aýdyp bolmaz.
Kileý-de Kaliforniýada indi has gazaply tokaý ýangynlarynyň bolmagynyň klimat we ýel üýtgeşmeleriniň ýany bilen ilatyň

artmagyndanam gelip çykýandygyny öňe sürýär.
Ýaşaýyş massiwleriniň tokaýlara tarap süýşmegi bilen birlikde elektrik stansiýalary-da bu ýerlere tarap uzaýar.
Kileý munuň ýangynlara şert döredýändigini aýdyp, şeýle diýýär:
«Howa ýagdaýlary bulaşanda, elektrik sütünleriniň simleriniň üzülme we agaç şahalaryna degip ýangyn döretme howpy has ýokary».
2021-nji ýylda geçirilen ylmy-barlag işiniň dowamynda soňky on ýylda Santana ýelleriniň netijesinde dörän ýangynlarda elektrik liniýalaryndaky kemçilikleriň iň esasy sebäpdigi anyklanypdy.

## 4). Ýangyny näme üçin okeanyň suwy bilen söndürip bolmaýar?

Los-Anželes ýangynlary söndüriljek bolup ýörkä, käbir ýangyn söndüriş howdanlarynda ätiýaçlyk suwuň ýokdugy iň uly bökdençlikleriň birini döredýär.
«KTLA 5 News»-iň habar bermegine görä, çarşenbe güni käbir ýangyn söndürijileriň okeandan suw alýandygy görüldi.
Sosial mediýa ulanyjylaryň hem okeanyň suwuny ulanmalydygyny aýdýandygyna garamazdan, hünärmenler ýagdaýyň pikir edilişinden has çylşyrymlydygyny aýdýar.
Technology.org saýty şor suwy ýangyn söndürmekde ulanyp bolsa-da, munuň ýangyn söndürijilere uly zyýan ýetirme ähtimallygynyň bardygyny aýdýar. Şeýle-de, okeanyň suwy düzüminde ýokary mukdarda duz saklaýandygy sebäpli tebigata uzak wagtlaýyn zyýan ýetirme we bu sebitleriň ençeme ýyllap takrap galmagyna sebäp bolma mümkinçiligine eýe. Şol sebäpden duzly suwuň ýangyn söndürmekde ulanylmagyny artdyrmaly bolýar. Ýöne bulam netijesiz we çykdajyly iş bolandygy üçin tebigatşynaslaryň maslahat bermeýän usuly bolmagynda galýar.







Çeşmeler: Conversation, New York Times, Washington Post, Reuters, CBS, KTLA 5 News, USA Today, Technology.org, Science Advances

Taýýarlan Büşra AGAÇ.

Anna, 11.01.2025 ý. Publisistika